# Toý diläp dursun!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Toý diläp dursun! TOÝ DILÄP DURSUN!



Il-günümiň ak bagtyna şärikdir,
Dutaryň törüňde toý diläp dursun!
Ýüz müň ýyllap akyp ýatan arykdyr,
Dutaryň törüňde toý diläp dursun!
Syrdaşyňdyr, gardaş kimin söýäñdir,
Älem içre ýagşylygy ýaýandyr,
«Adam ogly bagtly ýaşa» diýendir,
Dutaryň törüňde toý diläp dursyn!

Neberäňe alkyş aýdyp, jan çekip,
Halal asla damar çekip, gan çekip,
Säherler gelende ýüze şal çekip,
Dutaryň törüňde toý diläp dursun!

Ýurdyň barka doly bolar agylyň,
Waspyna söz ýetmez depe-dagynyň,
Şirinligi Hakyň beren janynyň,
Törüňde dutaryň toý diläp dursun!

Bizi maksat-myratlara ýetiren,
Bagytly oýanmaga uka batyran,
Göroglynyň arkasynda göteren,
Dutaryň törüňde toý diläp dursun!

Mämmetnazar BABANAZAROW. Goşgular